# Göwün göwne saýadyr

Category: Jemgyýetçilik tankydy,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 22 января, 2025
Göwün göwne saýadyr GÖWÜN-GÖWNE SAÝADYR



- **Agzybire Taňry berer…**

Çaga dünýä inip, ýedi ýaşa ýetýänçä uçmahyň guşy saýylýar. Ol çagalaryň kalby pamyk ýaly akdyr, ýumşakdyr. Çaga heniz enäniň göwresindekä terbiýe alyp başlamalydyr diýip, metbugatda kän çykyş edýärler. Hakykaty öňe sürýärler. Hakykat barasynda oýlananyňda bolsa, onuň aňyrsynda lemmer-lemmer, ummasyz pikirler ýatyr. Onuň diňe bir çetini aňlaýlyň. Enäniň göwresinde çaga düwüp başlanda dogry düwüpmi? Çigişli düwüpmi? Ine, ene terbiýesiniň gözbaşynyň irkip başlaýan ýeri.

Çaga mana düşüp ugrandan özüniň göwnüniň görülmegini talap edip başlaýar. Şol günlerden başlap, çaganyň göwnüni-de tapmaly. Mylaýymlyk bilen akylly-başly, irginsiz terbiýe berip

başlamaly. Ýaşyna görä zähmete uýgunlaşdyrmaly bolýar.
Adamyň iň gözel döwri çagalyk, ýetginjeklik döwürleri eken. Deň-duşlaryň bilen bile oýnaýarsyň, dost tutunýarsyň. Birnäçeleri bilen bagryň badaşýar. Deň-duşlaryň baky ýadyňda galýar. Ýadyň ýiti bolýar. Zehiniň oýanyp başlaýar.
Garagol çagadan nähak şapbyk dadan bolsaň, şol şapbygyň möhri ýüregiňde hemişelik saklanýar. Sebäbi göwün döwülýär. Ýürek düwülýär.
Kemala geleniňde ýaşulular ýumuş buýrup başlarlar. Buýrulan ýumşy etmeýän çagalar-da bolardy. Olara ýaşulular: «Aý biý-ä, eşegiň kesejesi» diýerdiler. Ýalta çaga üçin parhy näme? Aýt, aýtma, eşegiň gulagyna ýasyn okan ýalydy. Iki çaganyň arasynda näme tapawut bar? Munuň aňyrsynda ene-atanyň terbiýesi, «Aýaly başdan, çagany ýaşdan» diýen türkmen nakylynyň döremeginiň delilnamasy ýatyr.
Göwün galasyny ýykmak gowy görülýän zat däl. Adamyň göwnüni ýykmak – agzybirlige badak salmakdyr. Agzalalygyň soňy-da uruş-sögüşe barýar.
Iş usulymdan bir mysaljyk getirmekçi. 1945-nji ýylda Gazanjyk (häzirki Bereket) etrabynyň Uşak (häzirki Isgender) obasynda mugallymçylyk kärine başladym. Ilki matematika mugallymy bolup işledim. Ikinji ýyly maňa birunji klasy okatmagy ynandylar. Bir oglanjyk garagollygyň derdinden özüne erk edip bilenokdy. Gözüňi sowdugyn besdir, başga bir çagany çümmüklärdi, iteklärdi, özüni böke saýardy. Gepiň gysgasy, ondan çagalaryň ini eze-bezedi. Höre-köşe ederdim. Bolmazdy. Edep-terbiýe barada gulagyna guýardym. Başartmazdy. Daşa ýagyş ýagan ýalydy. Ol çaga özünden çekinilýändir öýderdi. Ene-atasyna arka berýärdi. Şol döwürde oňşugy gowy geçýänleriň maşgalasyndandy. Öýlerinde arkasynyň sypalanmaýandygyny, şarpyk iýýändigini saýgardym. Klasda-da şony küýseýändir diýip oýlandym. Ýerinde oturtmak-da görgüdi. Bir gün gahar ýetjek derejesine ýetdi. Gulak düýbüne sugşuranymy bilmän galdym. Gahar ýatyşdy. Ýalnyşanymy duýdum. Çaganyň göwnüni ýykdym. Ol çaga öýlerine aglap gitdi. Abraýly agasynyň maşgalasy elinden tutup geldi. Her näme bolsa-da düşünişdik. Çaganyň ýüzüni aldy. Şol-da-şoldur, ugruny düzetdi. Aradan ençe ýyllar geçdi.

Öýlenip, öýli-işikli, bala-çagaly bolupdyr. Sataşdyk. Salamlaşdyk. Saglyk-amanlyk alyşdyk. Birden ýylgyryp: «Ýoldaş mugallym, birinji klasda okaýarkam gulagymyň düýbüni gyzdyrypdyň, şol şarpyk meni düzetdi» diýip aýtsa-da, göwnüniň döwülendigini, ýadyndan çykarmanlygyny duýdum.
Şol ýalňyşlyk maňa-da sapak boldy. Çagany ýüregiň bilen söýseň, ol-da mugallymy söýýär. Arada duýgudaşlyk döreýär. Sapaga höwes artýar.
Çaganyň terbiýesi maşgaladan başlanýar. Şonuň üçinem maşgala abatlygy gözüň göreji ýaly goralmalydyr. Ýakynda Gurbanberdi Goýunlyýewiň «Girdapdaky gelin atly makalasyny okadym. Makalada bir gelin äriniň üstüne är edinendigini žurnaliste gürrüň berýär. Bu hakda okamak agyr düşdi. Öňler barjamly adamlar iki aýally bolupdyr. Indi bolsa haýasyz ýek-ýarym aýallar iki ärli bolýar. Türkmençilige sygar ýaly zat däl. Ýigidiň ýagdaýy göz öňüme geldi. Haramy gelin ikidünýälik ýoldaşynyň göwnünu ýykmag-a bärde dursun, onuň ömrüni weýran edipdir. Dirikä gara ýeriň teýine sokupdyr. Özüniň bolsa o dünýesini ýakypdyr. Türkmen hor-homsulyga çydar, ar-namysyň ýüküni welin dagdan-da agyr görer.
Beterden-beteri bar eken. Golaýda Gyzylatbatda (häzirki Serdar) boldum. Ýaşy bir çene baran adamlar: «Ýaş gelin-gyzlarymyz ar-namysymyza zeper ýetirýärler. Daşary ýurtlardan gelip işleýänlere iki-üç ýyl möhleti bilen şertnama esasynda durmuşa çykýarlar» diýip, arly-namysly gürrüň berdiler.
Muňa nähili biperwaý garap biljek. Haramdan gaýtmaýan gelinsumaklaryň sanynyň artýan bolmagy mümkin. Olaryň öňlerine taýak oklamaly. Öňki öten ahunlarymyz, mollalarymyz şerigatyň ýoluny il arasynda wagyz edipdirler. Häzirki mollalaram şol ýodadan ýöremeli. Ýeri gelende, başga-da bir ýagdaý hakda aýtmak isleýärin. Şol ulamalaryň döwründe-de çopan-çoluga, käbir beýleki adamlara bäş wagt namaz okamak başardan däldir. Şeýle adamlaryň sadakasyna barmaly däl diýen däldirler. Olary öz sadakalaryna çagyrandyrlar. Namazsyzyň sadakasyna barmaly däl, sadaka çagyrmaly däl diýen ýaly sözlerden daşda durmaly. Daşda durmasaň köp bendeleriň göwnüne degdigiň bolar. Göwne degmekligiň nämedigini biz ýokarda aýdypdyk. Namaz

okamaýanlaryñ-da Allatagalanyñ ady dilleriniñ senasy, ýüreginiñ melhemi, onki süññüniñ kuwwaty bolup biler.
Ene-atalaryñ öz ogul-gyzlarynyñ arly-namysly bolmagyny gazanmalydygyny ýaşulularyñ, mollalaryñ arasynda janygyp aýtmakdan çekinmeli däl. Ýaşululardan, mollalardan sorasañ-a, olar il içinde ar-namys, zenan buýsanjy barasynda wagyz edýäris diýerler. Ýöne şeýle wagyz-nesihatlara biz-ä gabat gelemzok. Il-günümiz dine, dindarlara uýýar. Sebäbi türkmenleriñ hamyrmaýasy urp-adat, halallyk, dogry ýol bilen ýöremekdir. Şonuñ üçinem dindarlar türkmeniñ arassa neslini gözüñ göreji ýaly goramalydygyny giñişleýin wagyz etmelidirler.
Her bir naçar musulman adam nikalaşyp biler. Bu olaryñ öz isleglerine bagly. Ýöne öz ýanyñdan bir nysak tapyp, nikasyz bir düşekde ýatmak welin wejeralygyñ alamatydyr. Hakyñ halan adamsynyñ şu babatda aýdanyny durkuñ bilen makullaýarsyñ. Dogrudanam, biziñ ykdysadyýetimizi ýokary derejä ýetirjek bolup ýören daşary ýurtlular wagtlaýynça aýal edinjek bolup, il içine aýlanyp ýören däldirler. Bozuk pällileriñ özleri olaryñ üstlerine barýandyrlar.
Ýaradan Beýik Alla türkmen ilimi şeýle zatlardan gorawersin.

Tatar ÜÝŞMEKOW,
ýazyjy. Jemgyýetçilik tankydy